# HAZAR DEŇZINIŇ DEŇIZ GURŞAWYNY GORAMAK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY KONWENSIÝA
# NEBIT BILEN HAPALANMA GETIRÝÄN HADYSALAR ÝAGDAÝYNDA SEBITLEÝIN TAÝÝARLYK, JOGAP HEREKETLERI WE HYZMATDAŞLYK HAKYNDA TESWIRNAMA

Giriş

I.UMUMY DÜZGÜNLER


| | |
|---|---|
| 1-nji madda | Adalgalary ulanmak |
| 2-nji madda | Ulanylýan ugry |
| 3-nji madda | Teswirnamanyň maksady |
| 4-nji madda | Umumy düzgünler |
| 5-nji madda. | Nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara garşy göreşmek boýunça milli ulgamlar we adatdan daşary çäreleriň meýilnamalary |
| 6-njy madda. | Maglumatlary ýaýratmak we alyşmak |
| 7-nji madda. | Hapalanma hakynda habar bermegiň tertibi |
| 8-nji madda. | Gyssagly çäreler |
| 9-njy madda. | Gämileriň üstünde, deňiz desgalarynda, deňiz portlarynda we nebiti gaýtadan işleýän desgalarda nebit bilen hapalanma garşy göreşmek boýunça adatdan daşary çäreleriň meýilnamalary |
| 10-njy madda. | Kömek |
| 11-nji madda. | Kömek bermek bilen bagly çykdajylaryň öwezini dolmak |


II. GURAMAÇYLYK DÜZÜMLERI


| | |
|---|---|
| 12-nji madda. | Guramaçylyk düzgünleri |
| 13-nji madda. | Sebitleýin usulyň wezipeleri |


III. AMALA AŞYRMAK WE BERJAÝ ETMEK


| | |
|---|---|
| 14-nji madda. | Teswirnamany maliýeleşdirmek |
| 15-nji madda. | Konwensiýa bilen özara baglanyşygy |
| 16-njy madda | Jedelleri kadalaşdyrmak |
| 17-nji madda | Teswirnamany kabul etmek we güýje girizmek |
| 18-nji madda | Şu teswirnama düzedişleri, goşundylara düzedişleri kabul etmek |


IV. JEMLEÝJI MADDALAR


| | |
|---|---|
| 19-njy madda | Teswirnamanyň milli kanunçylyga täsiri |
| 20-nji madda | Beýleki halkara ylalaşyklary bilen arabaglanyşygy |
| 21-nji madda | Bellikler |
| 22-nji madda | Birmeňzeş tekstler |
| 23-nji madda | Depozitariler |
| 24-nji madda | Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşiklere gatnaşygy |

Giriş

Hazarýaka döwletleri:

Azerbaýjan Respublikasy

Eýran Yslam Respublikasy

Gazagystan Respublikasy

Russiýa Federasiýasy

Türkmenistan,

Mundan beýläk Şertleşýän Taraplar diýlip atlandyrylýan,

hem-de 2003-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Tähranda, Eýran Yslam Respublikasy, kabul edilen Çarçuwaly konwensiýanyň Taraplary bolup, mundan beýläk Konwensiýa;

Konwensiýanyň degişli düzgünlerini ýerine ýetirmäge taýýarlygyny tassyklap,

Hazar deňziniň hapalanmagynyň hem-de deňziň nebit bilen hapalanmagyna getirýän hadysalaryň deňiz gurşawyna howp salýandygyny ykrar edip;

Gämiler, turbageçirijiler, stasionar we ýüzýän platformalar hem-de taşlanan guýular we hapalanma getirýän ýerüsti çeşmeler arkaly hapalanma getirýän hadysalar ýagdaýynda ýörite çäreleriň zerurdygyny ykrar edip;

Şeýle hadysalar bilen ýetirilýän zyýany azaltmak maksady bilen nebit bilen hapalanma getirýän deňizdäki hadysalar ýagdaýynda çalt we netijeli hereket etmäge ymtylyp,

Deňziň nebit bilen hapalanmagyna getirýän hadysalara garşy milli derejede göreşmäge bolan taýýarlygyň möhümdigini belläp;

Şertleşýän Taraplaryň arasynda mundan beýläk özara kömegi we halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmagyň möhümdigini ykrar edip;

Şeýle hem Hazar deňziniň nebit bilen hapalanmagyna getirýän hadysalaryň töwekgelçiligini azaltmak üçin aýratynlykda, şeýle hem bilelikde görülýän çäreleriň möhümdigini belläp,

Deňziň nebit bilen hapalanmagyna getirýän hadysalar ýagdaýynda maksady kömek bermek bolup durýan dünýäniň beýleki böleklerinde sebitleýin ylalaşygy nazara almak bilen,

Şertleşýän Taraplaryň deňiz gurşawyny we kenarýaka ýerleri nebitiň hapalanmagyndan goramak meýillerini nazara almak bilen,

Şeýle hem degişli halkara konwensiýalaryny, hususan-da, nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara taýýarlygy we täsir etmegi üpjün etmek, şeýle hem hapalanma bilen ýetirilen zyýana jogapkärçilik çekmek we öwezini dolmak bilen bagly bolan konwensiýalary nazara almak bilen,

Hazar deňziniň nebit bilen hapalanmagyna garşy göreşde Şertleşýän Taraplaryň arasynda hyzmatdaşlygy we özara kömegi mundan beýläk-de ösdürmek islegini beýan edip,

Aşakdakylar barada ŞERTLEŞDILER

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

***1-nji madda. Adalgalary ulanmak***

Şu Teswirnamanyň maksatlary üçin,

**(a)** " Nebit bilen hapalanma getirýän hadysa " „ nebit bilen hapalanma getirýän awariýalary" öz içine alýar hem-de nebitiň dökülmegine getirýän ýa-da getirip biljek hem-de deňiz gurşawyna ýa-da kenar yakasyna howp salýan ýa-da salyp biljek we adatdan daşary çäreleri ýa-da beýleki gaýragoýulmasyz hereketleri talap edýän bir we şol bir sebäbi bolan wakany ýa-da wakalaryň birnäçesini aňladýar;

**(b)** "Nebit" islendik görnüşdäki nebiti, şol sanda çig nebiti, suwuk ýangyjy, çökündini, nebit galyndylaryny we arassalanan önümleri aňladýar;

**(ç)** „Gämi" deňiz gurşawynda ulanylýan islendik görnüşdäki gämileri, şol sanda howa ýassykly, suwasty perli gämileri, suwasty gämileri, tirkelýän we özi ýüzýän serişdeleri aňladýar;

**(d)** „Deňiz desgasy" gözlemek, çykarmak ýa-da öndürmek üçin ulanylýan, uglewodorod serişdeleri ýa-da olary ýüklemek we düşürmek bilen bagly bolan deňizdäki platformalary we beýleki emeli gurlan gurnamalary, stasionar ýa-da ýüzýän serişdeleri aňladýar.

**(e)** „Deňiz portlary we nebiti gaýtadan işleýän desgalar" nebit bilen hapalanma hadysa töwekgelçiligini döredýän desgalary aňladýar we deňiz portlaryny, nebit terminallaryny, turbageçirijileri we nebiti gaýtadan işlemek bilen bagly bolan beýleki desgalary öz içine alýar;

**(f)** „ Ygtyýarly milli gurama" Şertleşýän Taraplaryň her biri tarapyndan bellenilen milli gurama bolup, ol nebit bilen hapalanma getirýän hadysalar ýagdaýynda taýýarlyga we täsir etmäge jogapkärdir hem-de şu Teswirnamada kesgitlenen borçnamalaryň amala aşyrylmagyna jogapkär bolar.

***2-nji madda. Ulanylýan ugry***

Şu Teswirnamanyň ulanylýan ugry Hazar deňziniň derejesiniň üýtgemegini, deňziň golaýynda bolan gury ýeri nazara almak bilen, deňiz gurşawyna, hem-de deňziň ýerüsti çeşmelerinden nebit bilen hapalanmagyna degişlidir.

***3-nji madda. Teswirnamanyň maksady***

Hazar deňziniň Konwensiýanyň 8-nji we 9-njy Maddalarynda sanalan işleriň görnüşleri hem-de deňziň ýerüsti hapalanma çeşmelerinden nebit bilen hapalanan ýagdaýynda taýýarlygy, täsiri we hyzmatdaşlygy üpjün etmek boýunça sebitleýin çäreleri döretmek şu Teswirnamanyň maksady bolup durýar.

*4-nji madda. Umumy düzgünler*

1. Şertleşýän Taraplar aýratynlykda ýa-da bilelikde nebit bilen hapalanma getirýän hadysalar dörände taýýarlyk we täsir etmek üçin Teswirnamany amala aşyrmak üçin zerur bolan degişli çäreleri görýärler.

2. Şertleşýän Taraplar bilelikdäki hereketleriň amaly, operatiw we tehniki jähtleri boýunça gollanmany bilelikde işläp taýýarlaýarlar we düzýärler.

3. Şertleşýän Taraplar sebitleýin usuly döredýärler.Şeýle usulyň ýagdaýlary Şertleşýän Taraplaryň Maslahatynyň garamagyna we makullamagyna degişlidir.

4. Şu Teswirnamanyň tiz ýerine ýetirilmegi üçin nebit bilen hapalanma garşy göreşde sebitleýin hyzmatdaşlyk boýunça Hazar meýilnamasy döredilýär.

***5-nji madda. Nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara garşy göreşmek boýunça milli ulgamlar we adatdan daşary çäreleriň meýilnamalary***

1. Şertleşýän Taraplaryň her biri nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara tiz täsir etmegiň milli ulgamyny döredýär. Bu ulgam

(a) nebit bilen hapalanma getirýän hadysalar bolanda taýýarlygyň we täsir etmegiň üpjün edilmegi üçin jogap berýän ygtyýarly milli guramanyň;

(b) şu Teswirnamanyň 4-nji we 7-nji maddasynda aýdylan nebit bilen hapalanma getirýän hadysalar hakynda habarlaryň alynmagy we berilmegi üçin jogap berýän milli operatiw aragatnaşyk nokadynyň;

(ç) kömek soranda ýa-da kömek bermek hakynda çözgüt kabul edende döwletiň adyndan hereket etmäge hukugy bolan ygtyýarly milli guramanyň bellenilmegini öz içine alýar.

2. Şertleşýän Taraplaryň her biri nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara taýýarlygy we täsir etmegi üpjün etmek boýunça adatdan daşary çäreleriň milli meýilnamasyny işläp düzýär we ýerine ýetirýär. Adatdan daşary ýagdaýlaryň milli meýilnamasy şulary öz içine alýar:

(a) nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara taýýarlyk görlende we göreş alnyp barylanda dolandyrýan guramanyň beýanyny we özara hereket edýän her bir guramanyň jogapkärçiligini;

(b) nebit dökülmeleriniň mümkin bolan çeşmeleriniň kesgitlenilmegini;

(ç) nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara garşy göreşmek üçin ulanylyp bilinjek enjamlaryň we adam serişdeleriniň sanawyny;

(d) ýygnalan nebiti wagtlaýyn saklamak we gutarnykly ýok etmek üçin çäreleriň kesgitlenilmegini

3. Şertleşýän her bir Tarap zerur bolan ýagdaýynda nebit senagatynyň we gämi gatnawy pudagynyň kärhanalary hem-de portyň ýolbaşçylary ýa-da islendik beýleki degişli guramalar bilen hyzmatdaşlykda nebitiň dökülmelerinde möhüm çäreleri üpjün etmek

üçin ozal bellenilen ýerlerde ýerleşdirilen enjamlary taýýarlyk ýagdaýynda saklaýar. Enjamlaryň sany nebit bilen hapalanma töwekgelçiliginiň garaşylýan derejesine gabat gelmelidir.

4. Şertleşýän her bir Tarap aýratynlykda ýa-da ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň çäklerinde nebit bilen hapalanma getirýän hadysalarda hereketler üçin jogapkär guramalaryň taýýarlyk ýagdaýyny güýçlendirmek üçin işgärleriň okuw we taýýarlyk maksatnamalaryny işläp taýýarlaýar.

### *6-njy madda. Maglumatlary ýaýratmak we alyşmak*

Şertleşýän her bir Tarap beýleki Şertleşýän Taraplara

(a) şu Teswirnamanyň 5-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji (a) bölümlerinde beýan edilen maglumatlary;

(b) deňziň nebit bilen hapalanmagynyň öňüni almaga mümkinçilik berýän täze usullar hem-de barlag maksatnamalarynyň netijelerini nazara almak bilen hapalanmalara garşy göreşmegiň täze netijeli çäreleri hakynda maglumatlary;

(ç) nebit bilen hapalanma getirýän iri hadysalar, olar boýunça görlen çäreler hakynda maglumatlary gös-göni ýa-da sebitleýin usul arkaly ibermek borçnamasyny öz üstüne alýar.

### *7-nji madda. Hapalanma hakynda habar bermegiň tertibi*

1. Şertleşýän her bir Tarap öz baýdagy astynda ýüzýän gämiler üçin jogapkär adamlaryň nebitiň dökülmegine, akmagyna ýa-da taşlanmagyna sebäp bolan öz gämilerinde dörän adatdan daşary ýagdaý hakynda degişli milli guramalara gyssagly habar bermegini üpjün edýär.

2. Şertleşýän her bir Tarap öz deňiz desgalary, deňiz portlary we nebiti gaýtadan işleýän desgalary üçin jogapkär adamlary nebitiň dökülmegine, akmagyna ýa-da taşlanmagyna ýa-da olaryň mümkin bolan dökülmegine, akmagyna ýa-da taşlanmagyna getiren desgalaryň işiniň barşynda ýüze çykan islendik waka hakynda öz milli guramasyna gaýragoýulmasyz habar bermäge borçly edýär.

3. Şertleşýän her bir Tarap

(a) öz baýdagy astynda ýüzýän gämileriň kapitanlaryna ýa-da gämiler üçin jogapkär adamlara

(b) olaryň deňiz gözegçilik gämilerine we howa gämilerine;

(c) olaryň raýat howa gämileriniň pilotlaryna;

(d) olaryň deňiz desgalary, deňiz portlary we nebiti gaýtadan işleýän desgalary üçin jogapkär adamlara

deňizde, deňiz portunda ýa-da nebiti gaýtadan işleýän desgada nebitiň dökülmegine, akmagyna ýa-da taşlanmagyna getiren islendik waka ýa-da ýüzüp ýören islendik nebit tegmili hakynda ygtyýarly edilen milli gurama gaýragoýulmasyz habar bermek hakynda görkezmeleri berýär.

4. Şertleşýän her bir Tarap nebit bilen hapalanma getiren hadysa hakynda habary, şol sanda 1-3-nji bölümlere laýyk gelýän habary alan badyna hadysa bilen galtaşyp biljek Şertleşýän Taraplara, şol sanda sebileýin usul arkaly hadysa barada we gören çäreleri ýa-da meýilleşdirýän çäresi hakynda habar berýär.

*8-nji madda. Gyssagly çäreler*

1. Nebit bilen hapalanma ýagdaýynda taýýarlygy we täsir etmegi üpjün edýän öz milli ulgamyna laýyklykda gyzyklanma bildirýän Şertleşýän Taraplaryň her biri nebit bilen hapalanma ýagdaýynda öz üstüne şu borçlary alýar:

(a) ýagdaýlara, dökülen nebitiň görnüşine we takmyny möçberine hem-de dökülmäniň hereketiniň ygruna we tizligine baglylykda nebit bilen hapalanma getirýän hadysalaryň ýüze çykjak ugurlaryna we mümkin boljak netijelerine zerur bolan baha bermek işlerini geçirmek;

(b) nebit bilen hapalanma getirýän hadysalaryň öňüni almak, täsirini azaltmak we mümkinçilige görä çäklendirmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmek;

(c) nebit bilen hapalanma gözegçiligi dowam etdirmek we beýleki Şertleşýän Taraplary nebit bilen hapalanma getiren hadysalara degişli wakalaryň barşy hem-de onuň gören çäreleri ýa-da meýilleşdirýän çäreleri hakynda habarly etmek;

(d) Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň dörän ýagdaýynda nebit bilen hapalanma garşy göreşde Sebitleýin hyzmatdaşlygyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegine ýardam etmek we goldamak.

2. Adatdan daşary ýagdaýlar bilen emele gelen hapalanma garşy göreşmek boýunça çäreleriň kabul edilen ýagdaýynda

(a) adamlary;

(b) gämini ýa-da deňiz desgasyny, eger gämi ýa-da deňiz desgasy nebit bilen hapalanma bilen baglylykda adatdan daşary ýagdaýa düşen bolsa, daşky gurşawa zyýanyň öňüni almak ýa-da azaltmak zerurlygy bolanda halas etmek üçin mümkin bolan ähli çäreler görülýär.

Şeýle çäreleri görýän islendik Şertleşýän Tarap Halkara deňiz guramasyna gös-göni ýa-da sebitleýin usul arkaly habar berýär.

***9-njy madda. Gämilerde, deňiz desgalarynda, deňiz portlarynda we nebiti gaýtadan işleýän desgalarda nebit bilen hapalanma garşy göreşmek boýunça adatdan daşary çäreleriň meýilnamalary***

1. Her bir Şertleşýän Tarap öz baýdagy astynda ýüzýän gämileriň öz bortunda degişli halkara düzgünleriniň talap edişi ýaly we olara laýyklykda nebit bilen hapalanma garşy göreşmek boýunça adatdan daşary ýagdaýlaryň meýilnamasynyň bolmagyny üpjün etmek üçin zerur bolan çäreleri görýär.[1]

2. Her bir Şertleşýän Tarap öz baýdagy astynda ýüzýän gämileriň kapitanlaryndan nebit bilen hapalanma getirýän hadysalaryň dörän ýagdaýynda adatdan daşary çäreleriň meýilnamasynda beýan edilen ýagdaýlara eýermegi, hususan-da, degişli işleri geçirmek üçin zerur bolan gämi we onuň ýüki hakynda jikme-jik maglumatlar bilen Ygtyýarly edilen milli guramalary üpjün etmegi talap edýär. Şol işler şu Teswirnamanyň 8-nji maddasyna laýyklykda geçirilmelidir we şeýle guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin amala aşyrylmalydyr.

3. Her bir Şertleşýän Tarap:

(a) öz deňiz desgalary üçin jogapkär operatorlarynyň;

(b) öz deňiz portlary üçin jogapkär guramalarynyň ýa-da operatorlarynyň;

(c) öz nebiti gaýtadan işleýän desgalary üçin jogapkär operatorlarynyň

nebit bilen hapalanma ýagdaýynda adatdan daşary çäreleriň meýilnamalaryny taýýarlamagyny talap edýär. Şol meýilnamalar şu Teswirnamanyň 5-nji maddasyna we Ygtyýarly edilen milli gurama tarapyndan bellenilen, makullanylan kadalara laýyklykda döredilen milli ulgam bilen ylalaşylýar.

---

1.Nebit bilen hapalanma ýagdaýyna, oňa garşy göreşmäge we hyzmatdaşlyga taýýarlygy üpjün etmek boýunça Halkara konwensiýanyň (BZNS 1990 ý.) 3-nji maddasynyň (1) (a) bölümi. Gämileriň döredýän hapalanmasynyň öňüni almak boýunça 1973-nji ýylyň Halkara konwensiýasyna 1978-nji ýylyň Teswirnamasy bilen üýtgedilen 1 Goşundynyň 37-nji düzgüni (MARPOL 73/78).

### *10-njy madda. Kömek*

1. Nebit bilen hapalanma getirýän hadysa garşy göreşmekde ýa-da şeýle hadysanyň döremek howpy abananda kömege mätäç bolan Şertleşýän Tarap beýleki Şertleşýän Taraplardan kömek sorap bilýär. Kömek soraýan Şertleşýän Tarap ekspert kömegini, ýöriteleşdirilen işgärleri we täsir ediş toparyny, enjamlary, materiallary, gämileri we howa gämilerini öz içine alyp biljek zerur bolan kömegiň görnüşini görkezýär. Kömek soralýan Şertleşýän Taraplar şu maddanyň çäklerinde öz serişdeleriniň ýol berýän has oňaýly mümlinçiliklerini peýdalanýarlar.

2. Her bir Şertleşýän Tarap:

(a) nebit bilen hapalanma getirýän hadysa garşy göreşmek, ýa-da şeýle hadysa garşy göreşmek üçin gerek bolan adamlary, ýükleri, materiallary we enjamlary daşamak bilen meşgullanýan gämileriň, howa gämileriniň we ulagyň beýleki görnüşleriniň öz çäklerine girmegine we peýdalanylmagyna hem-de çykmagyna;

(b) (a) bölümde agzalan adamlaryň, ýükleriň, materiallaryň we enjamlaryň öz çägine tiz eltilmegine, öz çäginden geçirilmegine we öz çäginden çykarylmagyna ýardam edýän zerur bolan hukuk we administratiw çärelerini görýär.

***11-nji madda. Kömek bermek bilen bagly çykdajylaryň öwezini dolmak***

1. Eger nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara garşy göreşmekde Şertleşýän Taraplaryň hereketlerini kadalaşdyrýan maliýe şertleri hakynda ylalaşyk şeýle hadysanyň döremegine çenli ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn esasda baglaşylmadyk bolsa, Şertleşýän Taraplar şu maddanyň 2-nji, 3-nji we 4-nji bölümlerine laýyklykda hapalanma garşy göreşmek boýunça öz degişli hereketleri bilen bagly bolan çykdajylary çekýärler.

2. Nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara garşy göreşmekde Şertleşýän Taraplaryň biriniň beýleki Şertleşýän Tarapa kömek bermek boýunça hereketi kömek alýan Şertleşýän Tarapyň haýyşnamasy esasynsa resmileşdirilýär.

3. Nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara garşy göreşmek boýunça işler üçin Şertleşýän Tarapyň beýleki Şertleşýän Tarapyň biriniň haýyşy boýunça eden çykdajylary şeýle kömegi soraýan Şertleşýän Tarap tarapyndan çekilýär. Eger kömek berýän Şertleşýän Tarap ýatyrylan haýyş boýunça çykdajylary çeken bolsa ýa-da öz üstune alan bolsa bolsa, çykdajylary kömek soraýan Şertleşýän Tarap çekýär.

4. Eger kömek bermek boýunça hereketler Şertleşýän Tarapyň öz başlangyjy boýunça amala aşyrylan bolsa we beýleki Şertleşýän Tarap garşy bolmasa, onda kömek berýän Şertleşýän Tarap öz hereketleri bilen bagly bolan çykdajylary özi çekýär.

5. 2-nji, 3nji we 4-nji bölümlerde bellenilen ýörelgeler gyzyklanma bildirýän Şertleşýän Taraplaryň her bir anyk ýagdaýda başga zat hakynda ylalaşmadyk halatynda ulanylýar.

6. Eger başga zatlar hakynda şertleşilmedik bolsa, Şertleşýän Tarapyň haýyşy boýunça beýleki Şertleşýän Tarapyň amala aşyran hereketleri kömek berýän Şertleşýän Tarapyň şeýle çykdajylary çekmek babatda milli kanunçylygyna laýyklykda degili görnüşde hasaplanylýar.

7. Kömek soraýan Şertleşýän Tarap hem-de kömek berýän Şertleşýän Tarap çykdajylaryň öwezini dolmak hakynda talaplary kadalaşdyrmak boýunça hereketleri amala aşyrmakda zerur bolanda hyzmatdaşlyk edýärler. Şu maksat bilen olar jogapkärçilik we hapalanma bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak babatda bar bolan hukuk düzgünlerini degişli tertipde nazara alýarlar. Şeýle görnüşde amala aşyrylýan hereketleriň kömek bermek boýunça işler bilen baglylykda çekilen çykdajylaryň doly tölegini almaga mümkinçilik bermedik ýagdaýynda kömek soraýan Şertleşýän Tarap kömek berýän Şertleşýän Tarapa şu maddanyň 6-njy bölümine laýyklykda hasaplanan berginiň möçberinden geçýän çykdajylary tölemekden ýüz öwürmek ýa-da çykdajylary azaltmak haýyşy bilen ýüz tutup biler. Ol şeýle hem şonuň ýaly çykdajylaryň töleginiň möhletini uzaltmak haýyşy bilen hem ýüz tutup biler.

8. Şu maddanyň düzgüni hiç bir hili ýagdaýda Şertleşýän Taraplaryň üçünji tarapdan olaryň milli kanunçylyklaryna we Şertleşýän Taraplaryň gatnaşýan halkara şertnamalaryna laýyklykda nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara ýa-da şeýle hadysalaryň howpuna garşy göreşmekde amala aşyrylan hereketler bilen baglylykda çykdajylary töletmek hukugyna zyýan ýetirýän hökmünde düşündirilmeli däldir. Şertleşýän Taraplar şol hereketlerde çekilen çykdajylary gaýtaryp almakda hyzmatdaşlyk edýärler we özara kömegi üpjün edip bilýärler.

## II. GURAMAÇYLYK DÜZÜMLERI

### *12-nji madda. Guramaçylyk düzgünleri*

1. Şu Teswirnamanyň maksatlary üçin hem-de Konwensiýanyň 22-nji maddasynyň 10-njy bölümine laýyklykda Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy, beýlekiler bilen birlikde

(a) şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýar;

(b) şu Teswirnamanyň mazmunyna yzygiderli syn bermegi amala aşyrýar;

**(ç)** şu Teswirnama ýa-da onuň goşundylaryna garaýar we islendik düzedişleri kabul edýär;

(d) şu Teswirnama bilen bagly bolan meseleler boýunça Sekretariatyň hödürleýän hasabatlaryna garaýar;

(e) zerur bolan ýagdaýynda şu Teswirnamanyň maksatlaryna ýetmek üçin degişli halkara guramalaryna we ylmy institutlara tehniki we maliýe kömegi üçin ýüz tutýar;

(f) şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolup biljek kömekçi guramalary döredýär;

(i) şu Teswirnamanyň 4-nji maddasynyň 3-nji bölüminde görkezilen wezipeleri ýerine ýetirýär;

2. Şu Teswirnamanyň maksatlary üçin hem-de Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda Sekretariat beýlekiler bilen birlikde

(a) şu Teswirnamanyň düzgünlerine laýyklykda alynan habarlary we beýleki maglumatlary taýýarlaýar hem-de Şertleşýän Taraplaryň ygtyýaryna berýär;

(b) şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly bolan meseleler boýunça hasabatlary taýýarlaýar we ýaýradýar;

(ç) şertleşýän Taraplardan alynýan meselelere we maglumatlara garaýar hem-de olar bilen şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly bolan meseleler boýunça geňeşmeleri geçirýär;

(d) islendik Şertleşýän Tarapyň haýyşy boýunça şu Teswirnamanyň netijeli ýerine ýetirilmegi üçin tehniki goldawyň we geňeşmeleriň üpjün edilmegini guraýar;

(e) sebitleýin we halkara guramalary we maksatnamalary bilen degişli suratda hyzmatdaşlyk edýär;

(f) Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy tarapyndan kesgitlenip biljek beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

### *13-nji madda.Sebitleýin mehanizmiň wezipeleri*

1. Sebitleýin mehanizm Şertleşýän Taraplaryň nebit bilen hapalanmanyň döreden hadysalaryna tiz we netijeli täsir etmegine ýardam edýär.

2. Sebitleýin mehanizmiň wezipelerine şular girýär:

(a) Şertleşýän Taraplaryň Ygtyýarly edilen milli guramalary, şeýle hem zerur bolanda nebit bilen hapalanma getirýän hadysalara garşy göreşmek boýunça hereketler bilen bagly bolan degişli halkara we sebitleýin döwlet we döwlete degişli däl guramalar hem-de edaralar bilen ysnyşykly iş gatnaşyklaryny ýola goýmak;

(b) tehniki hyzmatdaşlyk, okatmak, bilelikdäki okuwlar boýunça sebitleýin işleri utgaşdyrmak we adatdan daşary ýagdaýlarda tehniki seljermäni üpjün etmek we bu ugurlarda milli hereketlere ýardam etmek;

(ç) nebit bilen hapalanma getirýän hadysalar hakynda maglumatlary (beýan, bilermenleriň pikiri, hadysalar hakynda habarlar, adatdan daşary çäreleriň meýilnamalaryny we beýlekileri gowulandyrmak boýunça tehniki gazanylanlar) ýygnamak we ýaýratmak;

(d) nebit bilen hapalanma getiren hadysalara degişli maglumatlary we habarlary yzygiderli bermegiň düzgün-kadasyny taýýarlamak;

(e) Hazar deňziniň nebit bilen hapalanmagyna getiren hadysalara gözegçilik etmek üçin tehniki serişdeler hakynda habar alyşmak boýunça merkezi nokat hökmünde işlemek;

(i) Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň dörän halatynda nebit bilen hapalanma garşy göreşmek boýunça Sebitleýin hyzmatdaşlygyň meýilnamasyny täzelemek boýunça teklipleri bermek;

(k) Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy tarapyndan kesgitleniljek şoňa meňzeş beýleki wezipeleri ýerine ýetirmek.

## III. AMALA AŞYRMAK WE BERJAÝ ETMEK

### *14-nji madda. Teswirnamany maliýeleşdirmek*

1. Şu Teswirnamanyň maksatlaryna ýetmek üçin Şertleşýän Taraplar degişli maksatnamalaryň, taslamalaryň we çäreleriň işlenip düzülmegini we amala aşyrylmagyny maliýe serişdeleri bilen üpjün edýärler. Munuň üçin Şertleşýän Taraplar:

(a) bar bolan içerki maliýe serişdelerini bölüp berýärler;

(b) maliýeleşdirmegiň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn çeşmeleriniň we mehanizmleriniň maliýe serişdelerini, şol sanda grantlary we karz pullary çekmäge ýardam edýärler;

(ç) şeýle hem serişdeleri, şol sanda beýleki ýurtlaryň gaznalarynyň, hökümet edaralarynyň, halkara guramalarynyň, hökümete degişli däl guramalaryň we hususy sektoryň düzümleriniň serişdelerini çekmek we gönükdirmek üçin iň täze usulyýetleri we höweslendirmeleri öwrenýärler.

2. Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy başga karar kabul etmedik ýagdaýynda, Konwensiýanyň maliýe düzgünleri şu Teswirnamada ***mutatis mutandis*** ulanylýar.

*__15-nji madda. Konwensiýa bilen özarabaglanyşygy__*

Konwensiýanyň 22-nji maddasynyň 9-njy bölümine laýyklykda kabul edilen kada we maliýe düzgünleri Şertleşýän Taraplaryň başga karara gelmedik halatynda şu Teswirnama üçin ulanylýar.

*__16-njy madda. Jedelleri kadalaşdyrmak__*

Şu Teswirnamanyň düzgünlerini ulanmak ýa-da düşündirmek bilen bagly Şertleşýän Taraplaryň arasynda döreýän islendik jedel Konwensiýanyň 30-njy maddasyna laýyklykda kadalaşdyrylýar.

*__17-nji madda. Teswirnamanyň kabul edilmegi we güýje girmegi__*

1. Teswirnama Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň mejlisinde Şertleşýän Taraplaryň biragyzdan çözgüdi bilen kabul edilýär.
2. Şu Teswirnama .....şäherinde ....-den, .....-syna çenli diňe Hazarýaka döwletleriniň gol çekmegi üçin açykdyr.
3. Şu Teswirnama Hazarýaka döwletleri tarapyndan kabul edilmäge ýa-da tassyklanylmaga degişlidir. Teswirnama islendik Hazarýaka döwletiniň goşulmagy üçin gol çekmek üçin onuň ýapylan senesinden başlap açyk bolar.
4. Tassyklamak, kabul etmek ýa-da oňa goşulmak hakynda resminamalar Konwensiýanyň Depozitariýesine saklamak üçin tabşyrylýar.
5. Şu Teswirnama onuň Hazarýaka döwletleri tarapyndan tassyklanylmagy, kabul edilmegi ýa-da oňa goşulmagy baradaky resminamalar Konwensiýanyň Depozitariýesine saklamak üçin tabşyrylandan soň togsanynjy gün güýje girýär.

*__18-nji madda. Şu Teswirnama düzedişleriň, goşundylaryň hem-de goşundylara düzedişleriň kabul edilmegi__*

Şertleşýän Taraplar şu Teswirnama düzedişleri we goşundylary, şeýle hem onuň goşundylaryna düzedişleri kabul edip bilýärler. Şeýle düzedişleri we goşundylary Şertleşýän Taraplar kabul edýär we olar üçin Konwensiýanyň 24-nji we 25-nji maddalaryna laýyklykda güýje girýär.

## IV. JEMLEÝJI MADDALAR

*__19-njy madda. Teswirnamanyň milli kanunçylyga täsiri__*

Şu Teswirnamanyň düzgünleri Şertleşýän Taraplaryň şu Teswirnamany ýerine ýetirmek boýunça degişli has berk milli çäreleri görmek hukugyna täsir etmeýär.

***20-nji madda. Beýleki halkara ylalaşyklary bilen arabaglanyşygy***

Şu Teswirnamada hiç bir zat Şertleşýän Taraplaryň beýleki ylalaşyklar boýunça hukuklaryna we borçnamalaryna zyýan ýetirmeýär.

***21-nji madda. Bellikler***

ŞuTeswirnama hiç-hili bellikler edilmeýär.

***22-nji madda. Birmeňzeş tekstler***

Şu Teswirnamanyň tekstleri azerbaýjan, gazak, rus, türkmen, pars we iňlis dillerinde birmeňzeş bolup durýar. Şu Teswirnamany düşündirmek ýa-da ulanmak hakynda jedelleriň dörän ýagdaýynda iňlis dilindäki tekst ulanylýar.

***23-nji madda. Depozitariler***

Konwensiýanyň Depozitarisi şu Teswirnamanyň depozitarisi bolup durýar.

24-nji madda. ***Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşiklere gatnaşygy***

Şu Teswirnamanyň hiç bir düzgüni Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşikleri öňünden kesgitleýji netije hökmünde düşündirilmeýär.

Aşakda gol çekenler **ÝOKARDAKYLARY TASSYKLAMAK ÜÇIN** muňa degişli suratda ygtyýarly edilenler, şu Teswirnama gol çekdiler.

........................... , .................................... ýylda berjaý edildi.